# SAPAGYŇ MEÝILNAMASY

1. Biologik baýlyklar barada düşünje
2. Türkmenistanyň biologik baýlyklary. Türkmenistanda ösümlik we haýwanat dünýäsini (biodürliligi) goramak meseleriniň çözülişi
3. “Ösümlik düýäsini goramak rejeli peýdalanmak hakynda” Türkmenistanyň Kanuny
4. Ýer ýüzüniň haýwanat dünýäsini gorap saklamak we ony paýhasly peýdalanmak
5. “Haýwanat dünýäsini gorap saklamak we ondan rejeli peýdalanmak hakynda” we “Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda” Türkmenistanyň kanunlary
6. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen ösümliler we haýwanlar barada käbir

# *Sapaga gerekli edebiýatlar*


- *1.Gurbanguly Berdimuhamedow "Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary". Aşgabat, 2007*
- *2.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007*
- *"Halkyň ynam bildireni". Asgabat, 2007*
- *3.Gurbanguly Berdimuhamedow "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr". Aşgabat, 2007*
- *4.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. "Wakalaryň hronikasy". Aşgabat, 2007*
- *5.Gurbanguly Berdimuhamedow. "Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy". Aşgabat, 2007*
- *6.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007*
- *7.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007*
- *8.Gurbanguly Berdimuhamedow "Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary". Aşgabat: Ylym, 2007*
- *9.Gurbanguly Berdimuhamedow. "Döwlet adam üçindir". Aşgabat, 2008*
- *10.Gurbanguly Berdimuhamedow. "Ahalteke bedewi-biziň buýsanjymyz we şöhratymyz". Aşgabat, 2009*
- *11.Gurbanguly Berdimuhamedow. "Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri" 1-nji tom. Aşgabat, 2009*
- *12.Gurbanguly Berdimuhamedow. "Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri" 2-nji tom. Aşgabat, 2010*
- *13.Gurbanguly Berdimuhamedow. "Türkmenistan – melhemler mekany". Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011*
- *14.Türkmenistanyň Prezidentiniň "Obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin" Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007*
- *15. "Parahatçylyk, döredijilik, progres syýasatynyň dabaralanmagy" Aşgabat, 2007*

- *16..Gurbanguly Berdimuhamedow “Döwlet adam üçindir”.- Aşgabat; 2008.*
- *17. Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanyň dermenlyk ösümlikleri”. 1-2-nji tom.- Aşgabat ; 2010.*
- *18.Durdyýew S.K., Saparow O., Orazow M., Gurbandurdyýew G. “Ekologiýa”. Aşgabat, 2005*
- *19.Genjiýew R.G, S.Durdyýew, H.Asadowa, N.Jumaýew, Ö. Sopyýew, Ş.Aşyrmyradowa “Ekologiýa daşky gurşawy goramak”. –Aşgabat ;TDNG, 2012.*
- *20.Бродский А.К. «Краткий курс общей экологии». Санкт-Петербург, 1999*
- *21.Коробки В.И., Передельский Л.В. «Экология» учебник для вузов. Ростов на-Дону: Феникс, 2011.*
- *22.Петров К.М. «Экология взаимодействие общества и природы». Санкт-Петербург, 1999*
- *23.Петров К.М. «Экология человека и культура». Санкт-Петербург, 1999*
- *24.Пономарева И.Н., Соломин В.П., Корнилова О.А. «Общая экология» учебное пособие для студентов. М: Мой учебнок, 2005*
- *25.Прохоров Б.Б. «Экология человека» учебник для вузов. М.: Издательский центр «Академия», 2003.*
- *26.Шилов И.А. «Экология» учебник для студентов вузов – М.: Высшая школа, 2000*
- *27. .Прохоров Б. Б. Экология человека. Учебник для вузов. – М.: Издательский центр «Академия», 2003.*
- *28. .Чернова Н. М., Былова А. М. Экология – М., 1988.*
- *29.Коробки В. И., Передельский Л. В. Экология. Учебник для вузов. – Ростов на-Дону: Феникс, 2011.*

# 1. Biologik baýlyklar barada düşünje.

- Adamzadyň üçünji müňýyllyga gadam basmagy, ylmyň we tehnikanyň güýçli depginler bilen ösmegi, daşky gurşaw bilen baglanyşyklykda dartgynly ekologiki ýagdaýlaryň ýüze çykmagy tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak ýaly wajyp meseleler ýüze çykýar.
- *Biologiki baýlyklar* – bular biosferanyň janly gurşawy dörediji düzüm bölekleridi (komponentleridir). Olara produsentler, konsumentler we redusentler hem-de bularda saklanýan genetiki materiallar degişlidirler. Biologiki baýlyklar adamlaryň maddy we ruhy baýlyklary alýan esasy çeşmesi hasaplanýarlar. Biologiki baýlyklaryň esasy görnüşleriniň hataryna aşakdakylar degişlidirler:
- ♦ *promysel obýektleri;*
- ♦ *medeni ösümlikleri;*
- ♦ *öý haýwanlary;*
- ♦ *ajaýyp tegigy landşaftlar;*
- ♦ *mikroorganizmler.*

- Başgaça aýdylanda, biologiki baýlyklar diýip, Ýer togalagynyň ösümlik we haýwanat dünýäsiniý resurslaryna aýdylýar. Şunda genetiki resurslaraýratyn uly ähmiýete eýedirler.
- Ösümlikler tebigatda biosferanyň beýleki janly-jandarlarynyň ýa-da hiç hili tehnikanyň bitirip bilmejek işini ýerine ýetirýärler. Bu işler ösümliklerde geçýän fotosintez hadysasy bilen baglanyşyklydyr. Ösümlikler topraga, suwa, mör-möjeklere we beýleki haýwanlara uly täsir edip, tebigatda maddalaryň çalşyp durmagyny üpjün edýärler. Bulardan başga-da, ösümlikler çölleriň süýşüp giňelmezligine, derýa kenarlarynyň oprulmazlygyna, suwuň ýeriň ýüzüne deňräk ýaýramagyna, ýer asty suwlaryň aşak çökmegine täsir edýär.
- Ýer togalagynyň haýwanat dünýäsi ähli janly organizmleriň biomassasynyň bary-ýogy 2%-e golaýyny tutýan hem bolsa, onuň biosferadaky tutýan orny uludyr. Munuň sebäbini haýwanlaryň energetiki hadysasynyň ýokary derejededigi, uly hereketi we köp görnüşliligi kesgitleýär.

# 2. Türkmenistanyň biologik baýlyklary. Türkmenistanda ösümlik we haýwanat dünýäsini (biodürlüligi) goramak meseleleriniň çözlüşi.

- Türkmenistan Watanymyz tebigy baýlyklara örän baýdyr, Günortasy Türkmen-Horasan ýaş dag ulgamy we Pamir-Altaý daglarynyň günbatar gerişleri bilen jäheklnen, Jeýhun bilen Bahry-Hazaryň arasynda ýaýylyp ýatan, aňyrsyna-bärisine göz ýetmeýän ümmülmez düzlüklerimiz we çöllüklerimiz ösümlikleriň we haýwanlaryň köp görnüşleriniň gelip çykan mekanydyr. Güneşli ülkämiz, öz tebigatyna mahsus bolan, ösümlik we haýwan görnüşlerine baýdyr.
- Türkmen halky asyrlaryň dowamynda medeni-ruhy mirasyň aýrylmaz bir bölegi bolan, jemgyýetçilik we ahlak-terbiýe meselelerini hem öz içine alýan tebigat bilen ylalaşykda hem-de sazlaşykda ýaşamagyň özlerine mahsus bolan ýollaryny gözläpdirler. Watanymyzyň tebigatynyň gözelligi halkymyzyň milli däp-dessurlaryna, urp-adatlaryna juda meňzeş bolup, ol özünde ajaýyp gözelligi jemleýär.
- Türkmenistan milli hem bütindünýä biodürliligi goramak meselesini çözmekde özüniň gyzyklanýandygyny aýan edip, 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda „Biologik dürlülik“ hakyndaky konsepsiýany tassyklady. Biodürlülik hakyndaky mesele esasy ekologik mesele bolup durýar. Häzirki wagtda haýwanlaryň 10 müňe, ösümlikleriň 8 müňe golaý görnüşi Tebigaty goramagyň Halkara Bileleşiginiň Gyzyl sanawyna girizildi. Kabul edilen Konsepýsiýanyň esasy maksady – biologik dürlüligi, ýagny ähli janly-jandarlary genetik, görnüş we ekoulgam derejesinde goramak, biodürlüligi emele getirýän düzümi ýurtlaryň ýerlikli peýdalanmagyny üpjün etmek, genetik baýlyklary ulanmakdan gazanylan haýry adalatlyk, deňlik esasynda paýlaşmak, degişli tehnologiýalary alşyp-berişmek, ösýän ýurtlarda adam tarapyndan ýetirilýän zyýan azaldýan ekologik, kuwwat toplaýjy serişde we maglumatlar tehnologiýalaryny ýaýratmak Konsepsiýanyň esasy taglymaty bolup, Türkmenistanyň biodürlüligi dünýäniň beýleki tebigy ulgamlary bilen berk baglanyşykly we ençeme müňýyllyklardan bäri gelýän milli mirasdyr.

- Tebigy baýlyklary peýdalanmagyň hasabyna ösüşiň depginini güýçlendirmek mümkin däl. Soňky ýyllarda biotehnologiýada gazanylan üstünlikler giň gerime eýe bolmak bilen, üstünlikli genetik serişdeleriň örän uly ähmiýete eýedigini görkezdi, ol serişdeler: ösümlikler, haýwanlar we mikroorganizmlerdir. Ýaşaýşyň dürlüliginiň köp böleginiň, görnüşleriniň we olaryň toplumlarynyň ýitmek howpy bolup durýar.
- Türkmenistanda biodürliligiň ýagdaýyna syn işlenilip taýýarlanylyp, giňiş-leýin ara alyp maslahatlaşyldy. Biziň ýurdumyzyň ekologik ulgamynyň dürlüligi çöllük, daglyk, kenarýaka suwlar) we tebigy toplumlaryň bozulan derejesi nazara alnyp, olary goramaklygyň gaýtadan dikeltmegiň möhletleri göz öňünde tutuldy. Biologik dürlüligiň meselelerini çözmeklik ýurduň ykdysady taýdan täzeden dikelmeginiň kuwwatly çeşmeleriniň biri bolup durýar. Ösümlikler biosferanyň iň esasy bölegidir. Ýer togalagynda ösümlikleriň 500 000 gowrak görnüşleri bolup, Türkmenistanda 7064 görnüşi (pes derejeliler 3924, ýokary derejeliler 3140) hasaba alyndy.

- Türkmenistanyň çäginiň 80% -e golaýyny çöller tutup, dünýäde iň uly çölleriň biri Garagum çölidir. Garagumda ösümlikleriň oňat uýgunlaşan görnüşleri kserofitler, sukkullentler ösýär. Garagumuň ösümlikleriniň görnüşi köp derejede çägelikleriň görnüşine, toprak örtügine (takyrlar, şorluklar) we ýer üstüniň gurluşyna baglydyr. Garagumda ösümlikleriň dürli görnüşleri ösýär (33-nji surat). Garagumda çöl ösümlik toparlary üçin giň ýaýran sazaklar, ýarymsawannalarda goňur baş, ýylak, arça, borjak, sözen, gyýak, ýowşan ösýär. Türkmenistanyň dürli ösümliklriniň köpüsi seýrek görnüşlerden durup, olar endemik görnüşlerdir.
- Pes derejeli ösümliklere kömelekler, suwotular, bakteriýalar, wiruslar degişli. Türkmenistanda pes derejelileriň içinde kömelekler giňden öwrenilendir. Türkmenistanyň çäklerinde kömelekleriň 2585-e golaý görnüşi belli edilip, olaryň aglabasy Merkezi Köpetdagdan tapylan telpekli kömeleklerdir. Türkmenistanyň medenileşdirilen toprakly ýerlerinden 213 görnüş tapylyp, olaryň içinde saprofitler we haýwanlarda, ösümliklerde kesel ýaýradyjy kömelekler hem bar. Türkmenistanyň suwlaryndan suwotularyň 827 görnüşi belli edilip, olaryň içinde agdyklyk edýänleri ýaşyl, diatom suwotulary, jemi 636 görnüş lişaýnikleriň (agaç gabygynyň, daşyň ýüzünde bitýän gyrgyçlar) sanawy 470 görnüşden ybarat. Lişaýnikleriň Köpetdagda – 422 görnüşi,



**33-nji surat.** Garagumyň ösümlik dünýäsi.

- Köýtendagda – 240, şol ekoulgamlarda olaryň sany az, takyrlarda – 90 görnüş, gumlarda – 68, has berkleşen düzlüklerde – 20 görnüşi belli edilendir. Ýokary derejeli ösümlikleriň Türkmenistanda 3140 görnüşi hasaba alnyp, ýaýran ösümlikleriň 42 görnüşi agaç, 82 görnüşi gyrymsy agaç, 84 görnüşi ýarym gyrymsy agaçjymak, 221 görnüşi hem gyrymsy ösümliklerdir. Galanlary otjumak ösümlikler bolup, olaryň 40-a golaýy gök däl (mugthor) ösümliklerdir. Bu ösümlikler toprak klimat sertlerine baglylykda çägelik ýerleriň ösümliklerine, derýaýaka oazisleriň ösümliklerin, dag etekleriniň we daglyklaryň ösümliklerine bölünýär.
- Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi görnüş taýdan baýdyr. Bu ýerde mör-möjekleriň 9000-den gowrak görnüşi, tegelek agyzlylaryň 1, balyklaryň 136, ýerde-suwda ýaşaýanlaryň 5, süýrenjileriň 89, guşlaryň 411, süýdemdirijileriň 105 görnüşi duş gelýär (Rustamow, 2011). Türkmenistanyň çäklerinde haýwanlaryň jemi 12700-e golaý görnüşiniň duş gelýändikleri hasaba alyndy.
- Türkmenistanyň haýwanlary gazaply çöl şertlerine uýgunlaşandyrlar, olaryň käbir görnüşleri jöwzaly tomsuň yssysyndan goranyp, diňe agşamlaryna iýmit gözlegine çykýarlar. Haýwanlaryň köpüsi öz ýaşaýan gurşawyna uýgunlaşandyrlar, meselem çöl pyşdyllary tomus ukusyna gidýärler.

- Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi diňe bir görnüş taýdan dürli bolman, eýsem gelip çykyşy boýunçada dürlidir. Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi onuň tebigy landşaftlarynyň ekologik şertleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň çäginde çöl, derýa jülgesi we dag landşaft toplumlary bilen baglanyşykly bolan haýwanlar tapawutlanýarlar. Çäge çöllüklerinde süýdem-dirijileriň 40-a golaý görnüşleri ýaşaýar, şol sanda gemirijiler, süýrenjiler we beýleki görnüşler agdyklyk edýärler, ýylanlaryň 30-dan gowrak görnüşi ýaşap, zäherli ýylanlaryň kepjebaş, alahöwren, galkanburun we gök lors ýaly zäherli ýylanlar duş gelip, olar adamyň saglygy üçin howpludyr. Guşlaryň 200 görnüşi duş gelýär. Derýa jülgelerinde we ekerançylyk ýerlerde suwuň we ösümligik örtüginiň bol bolmagy, dürli haýwanlaryň ýaşamagy üçin amatlydyr, Amyderýanyň jeňňellik ýerlerinde ýekegapan, şagal, gamyş pişigi, Birata etrabynyň çäginde Buhar suguny duş gelýär. Derýalarda, köllerde balyklaryň 55 gögrnüşi ýagny kepir, garabalyk, lakga, tungaz, söwen we beýleki ähmiýetli balyklar duş gelýär. Garagum derýasynda ot iýýän ak amur we tüňňimaňlaý balyklar köp. Bu lanşaft toplumynda guşlaryň 128-den gowrak görnüşleri, sülgünler goralyp saklanýar. Amyderýada duşýan bekre balyklar maşgalasyna degişli bolan pilburun (gamideşer) ýaşaýar.
- Türkmenistanyň daglarynda haýwanlaryň dürli görnüşleri ýaşap, süýdemdirijilerden dag geçisi, dag goçy, bars, syrtlan, gaplaň, möjek, itaýy, olykirpi, guşlardan Hazar ulagy, dag hindi tawusy, kawkaz bilbili, käkilikler duşýar. Ýyrtyjy guşlardan daglarda garaguş, syçançy, göwenek, hüwi duş gelýär.

- Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi diňe bir görnüş taýdan dürli bolman, eýsem gelip çykyşy boýunçada dürlidir. Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi onuň tebigy landşaftlarynyň ekologik şertleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň çäginde çöl, derýa jülgesi we dag landşaft toplumlary bilen baglanyşykly bolan haýwanlar tapawutlanýarlar. Çäge çöllüklerinde süýdem-dirijileriň 40-a golaý görnüşleri ýaşaýar, şol sanda gemirijiler, süýrenjiler we beýleki görnüşler agdyklyk edýärler, ýylanlaryň 30-dan gowrak görnüşi ýaşap, zäherli ýylanlaryň kepjebaş, alahöwren, galkanburun we gök lors ýaly zäherli ýylanlar duş gelip, olar adamyň saglygy üçin howpludyr. Guşlaryň 200 görnüşi duş gelýär. Derýa jülgelerinde we ekerançylyk ýerlerde suwuň we ösümligik örtüginiň bol bolmagy, dürli haýwanlaryň ýaşamagy üçin amatlydyr, Amyderýanyň jeňňellik ýerlerinde ýekegapan, şagal, gamyş pişigi, Birata etrabynyň çäginde Buhar suguny duş gelýär. Derýalarda, köllerde balyklaryň 55 gögrnüşi ýagny kepir, garabalyk, lakga, tungaz, söwen we beýleki ähmiýetli balyklar duş gelýär. Garagum derýasynda ot iýýän ak amur we tüňňimaňlaý balyklar köp. Bu lanşaft toplumynda guşlaryň 128-den gowrak görnüşleri, sülgünler goralyp saklanýar. Amyderýada duşýan bekre balyklar maşgalasyna degişli bolan pilburun (gamideşer) ýaşaýar.
- Türkmenistanyň daglarynda haýwanlaryň dürli görnüşleri ýaşap, süýdemdirijilerden dag geçisi, dag goçy, bars, syrtlan, gaplaň, möjek, itaýy, olykirpi, guşlardan Hazar ulagy, dag hindi tawusy, kawkaz bilbili, käkilikler duşýar. Ýyrtyjy guşlardan daglarda garaguş, syçançy, göwenek, hüwi duş gelýär.

- Türkmenistanyň haýwanat dünýäsinde aw ähmiýetlileri köpdür. Awçylyk bilen baglanyşykly 1998-nji ýylyň oktýabr aýynyň 20-sinde "Aw awlamak we awçylyk hojalygyny ýöretmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Aw-promysel ähmiýetli haýwanlary gorap saklamaklykda, aw etmekligiň düzgünlerini alyp barmaklykda awçylyk hojalygy bolup, onuň esasy wezipesi aw baýlyklaryny, aw awlanýan ýerlerdäki ýabany haýwanlary goramakdan we ýerlikli peýdalanmakdan ybaratdyr. Aw awlanýan ýerlere çöllükler, daglyk ýerler tokaýlar, oazisleriň medeni zolaklary, Hazar deňziniň türkmen bölegininiň kenar ýakalary we suwlary, içerki suwlar degişlidir.
- Türkmenistanda suw guşlarynyň we batgalykda ýaşaýan guşlaryň gyşlaýan ýerlerinde 80-e golaý görnüşi, ülkämizde höwürtgeleýän guşlaryň bolsa birnäçe görnüşi awlanylýar.
- Biziň ýurdumyzda seýrek duş gelýän we az sanly haýwanlardan gulan, buhar suguny, dag goçy, dag tekesi, keýik, alajabars, garagulak, dag samyry, alajagözen, gunduz, turaç, gyşlaýan guşlardan gyzylinjik, togdary, bezbeltek, ak leglek we ş.m. awlamak gadagan edilendir (34-nji surat).
-



**34-nji surat.** Jeren – seýrek duş gelýän we goralýan haýwan.

- Adaty awlanýan haýwanlar tilki, towşan, möjek, ýekegapan, käkilik, suw guşlary we batga guşlary awlanylýar. Aw etmeklik awçylyk hojalygynyň rugsat beren aýlarynda geçirilýär, guşlar, balyklar awlanylanda, olaryň belli bir sanyny tutmaklyk rugsat edilýär. Aw etmeklik diňe Türkmenistanyň Awçylyk we balykçylyk hojalyklaryna rugsat edilýär.

# 3. “Ösümlik dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak hakynda” Türkmenistanyň Kanuny

- Türkmenistan Watanymyz Garaşsyzlygyny alandan soň tebigaty goramak bilen baglanyşykly iňňän möhüm kararlar, kanunlar we beýleki hukuk resminamalary kabul edildi.
- 1993-nji ýylyň dekabr aýynyň 28-ne “Ösümlik dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak” hakynda Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu Kanun ekologik ulgamlaryň we biosferanyň durnuklylygyny hem-de kadalylygyny üpjün etmegiň esasy hökmünde Türkmenistanyň ösümlik dünýäsiniň biodürlüligini saklamak üçin, şeýle hem dikeltmek üçin, häzirki we geljkki nesilleriň hatyrasyna töweerkdäki tebigy gurşawy abat saklamak hem-de gowulandyrmak üçin degişli şertleri döretmek maksadyny göz öňünde tutýar.
- “Ösümlik dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak” hakyndaky Kanun ösümlik dünýäsini goramakda möhüm orny eýeledi. Ösümlik dünýäsini goramak hakyndaky we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanun ösümlikleriň döwlet eýeiliginde durýandygyndan ugur alyp, ösümlik dünýäsine eýelik etmek hukugy, ondan peýdalanmak hukugy, peýdalanmagyň tertibi we tölegliligi bardaky düzgünler berkidildi.
- Bulardan başga-da, ösümlik örtügini üznüksiz köpeltmek, onuň önümliligini we durnuklylygyny ýokarlandyrmak hem-de ösümlik dünýäsini dikeltmek, ösümlik örtügini goramagy üpjün etmek borçlary, şeýle hem ösümlik dünýäsini goramak babatda tebigaty goraýyş döwlet edaralarynyň wezipeleri; seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky ösümlikleriň görnüşlerini hem-de ösümlik toplumlaryny goramak; ösümlik dünýäsini goramaklyga döwlet gözegçiligi; ösümlik dünýäsi bilen baglanyşykly jedelli meseleleriň çözüliş tertibini öz iine alýar.

- **Türkmenistanyň Tokaý kodeksi. Onda tokaýdan peýdalanmagyň görnüşleriniň kesgitlenilmegi.**
- Tokaýlar özleriniň ägirt uly ykdysady ähmiýetinden başga-da, biosfera, landşaftlar üçin zerur bolan geografik serişdeler hasaplanýar. Tokaýlar biogeosenoz hökmünde birnäçe janly-jandarlaryň ýaşaýan ýeri we iýmit çeşmesidir. Tokaýlaryň soňky 200 ýyla golaý wagtda güýçli çapylmagy, olaryň sanynyň 2 esse azalmagyna getirdi. Adam hojalyk işjeňligi netijesinde tokaýlara we landşaft utgaşmalaryna uly täsirini ýetirýär. Ýer ýüzündäki işjeň kislorodyň 60%-e golaýy tokaýlar tarapyndan berilýär. 3 ga ýerdäki tokaý atmosfera 400 kg-a golaý kislorody goýberýär.
- Tokaýlaryň topragy we suw baýlyklaryny goramakda hem uly orny bar. Tokaýlaryň tebigatdaky eroziýa hadysalarynyň öňüni almakda hem, uly orny bardyr, bu bolsa oba-hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny artdyrmaklyga kömek edýär. Tokaýlaryň ähmiýetini şu aşakdaky yzygiderlik boýunça görkezse bolar:
- Tokaý – suw, suw – hasyllylyk, hasyllylyk – ýaşaýyş. Tokaýlaryň gyrymsy we otjumak ösümlikleri derýalaryň kenarlaryny suwuň urulma täsirinden goraýar. Agaçlaryň kökleri suwy saklamak bilen, topragyň güýçli ýuwulmagynyň we şorlamagynyň öňüni alýar. Tokaýlar atmosferany fitonsidler bilen baýlaşdyrýar.

- Ýer togalagynda tokaýlaryň azalmagy Ýer üstünde adamzat üin zyýanly  hadysalaryň emele gelmgine sebäp bolýar, tokaýlaryň çapylmagy, atmosferada kislorod gazynyň azalmagyna, derýalaryň, kölleriň suwunyň derejesiniň aşak düşmegine, ýerasty suwlaryň derjesiniň ýokarlanmagyna, topraklaryň şorlamasyna getirýär. Tokaýlarda adamyň günäsi bilen bolýan ýangynlar, tokaý ätiýaçlyklaryna uly zyýan ýetirýär, ýangyndan soň peýda bolan agaçlaryň hili pes bolýar, tokaýlary ýangyndan soň öňki ýagdaýyna getirmek gaty kyn bolýar, hojalyk ähmiýeti onçakly uly bolmaýar.
- Türkmenistanda tokaýly ýerler azdyr. Tokaýlar daglarda, derýa jülgelerinde, suwarymly ýerlerde we çägeli çöllerde (sazak tokaýlary) ýaýrandyr. Türkmenistanyň tokaýlarynyň esasy bölegi “Gök guşak” paýdarlar jemgyýetine birlşen tokaý hojalyk kärhanalarynyň, şonuň ýaly-da Tebigaty goramak ministrliginiň kärhanalarynyň we guramalarynyň garamagynda degişlidir.

Beýleki köp sanly tebigy baýlyklar bilen deňeşdirlende, seýrek tokaýlar öwezi dolunýan tebigy baýlyklara degişlidir, ýöne topragyň çyglylygynyň güýçli ýetmezçilik edýän şertlerinde bu hadysa uzak wagtyň dowamynda bolup geçýär. Türkmenistanda derýa jülgelerinde, çaýlymlarda jeňňellikler ýaýrandyr. Bu ýerde tokaý agaçlarynyň düzümi dürli bolup, mysal üçin toraňňy, ýylgyn, igde, söwüt ýaly ösümlikler tokaýlygy emele getirýär (35-nji surat).



**35-nji surat.** Amyderýanyň jülgesinde ösýän tokaýlar.

- Bularadn başga-da, bu tokaýlyklarda igde agajynyň az sanly düýpleri duş gelýär, köplenç bolsa özbaşdak tokaý bolup ösýärler. Gyrymsy agaçlardan tokaýlyklarda has köp ýaýrany ýylgyndyr. Derýa jülgelerinde buýan hem giň meýdanlary tutýar. Tokaýlaryň howany we dag etek hem-de daglyk ýerleriň suw sazlaşygyny kadalaşdyrmakda uly ähmiýete eýedir.
- Tokaýlar Türkmenistanyň milli baýlygy hasaplanýar. Çöl klimat şertleri mahsus bolan ýurdumyzda tokaýlar ilatly ýerleri we ekin meýdanlaryny ýalynly epgeklerden, güýçli ýellerden we tozanlardan goramakda, adamlar we haýwanlar üçin amatly mikroklimaty döretmekde iň netijeli serişdeleriň biri hasaplanýar. Mundan başga-da, tokaýlar hojalyk we sagaldyş-dynç alyş ähmiýetine hem eýedir.
- Türkmenistanyň Mejlisiniň dördünji çagyrylyşynyň 2011-nji ýylyň mart aýynda bolan dokuzynjy maslahatynda kabul edilen möhüm kanunçylyk resminamalaryň biri-de Türkmenistanyň Tokaý kodeksidir.
- Türkmenistanyň täze Tokaý kodeksi tokaýlary we tokaý baýlyklaryny durnukly dolandyrmak, mundan beýläk hem ösdürmek we kämilleşdirmek, olary köpeltmäge we tokaýlaryň biodürlüligini, netijeliligini, üznüksiz köpelmäge ukyplylygyny, ekologik, ykdysady we durmuş wezipeleriniň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen kabul edildi. Ol şeýle hem, tokaýlaryň ähliumumy ekologik ähmiýetine eýedigini nazara almak bilen, tokaýlardan netijeli, köp maksatlaýyn peýdalanmaga we olary köpeltmäge, goramaga gönükdirilendir.

- Türkmenistanyň Tokaý kodeksi tokaýlary durnukly dolandyrmak – tokaý-lary abat saklamak, goramak, peýdalanmak, üznüksiz köpeldip durmak, Türkmen-istanyň çäginde olaryň ekologik, ykdysady we serişde mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly humuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.
- Türkmenistanyň Tokaý kodeksi jemi 12 bapdan we 68 maddadan ybarat. Kodeksiň “Umumy düzgünler” diýlip atlandyrylýan I babynyň tokaý düşünjesine we Kodeksdäki beýleki adalgalara (jemi 45 sany) giňişleýin düşündirişleri bermekden başlanmagy, onuň maddalaryndaky hukuk kadalara düşünmekligi ýeňilleşdirýär. Täze Kodeksde maddalaryň aýratyn baplarda ýerleşdirilmegi onda sazlaşygyň üpjün edilendigini görkezýär. Kodeksiň I bölüminiň 1-nji maddasynda tokaý düşünjesine ilkinji gezek şeýle kesgitleme berilýär: *tokaý* – iň az meýdany 0,5 gektary düzýän, iň az giňligi 3 metr bolan agaç-gyrymsy ösümlik agdyklyk edýän biologik köpdürliligiň we tebigy gurýşawyň özara baglanyşykly we özara hereket edýän düzüm birlikleriniň jemi hem-de bu meýdanyň azyndan 10 göteriminiň proýektiw örtügi. Bu wajyp düşünje ýurdumyzyň çäklerinde ösýän ösümlikleriň haýsy toparyny tokaýlara degişli etmelidigini anyk kesgitlemäge mümkinçilik berýär.
- Kodeksiň III baby tokaýlary derejeleri boýunça toparlara bölmegiň hukuk düzgünlerine bagyşlanan. Bu babyň maddalarynda Türkmenistanyň tokaýlary şu aşakdaky derejelere bölünýär:

- ● **gorag maksatly tokaýlar** (derýalaryň, kölleriň, suw howdanlarynyň we beýleki suw desgalarynyň kenarlary boýunça ýerleşen suw gorag tokaýlary; awtomobil we demir ýollarynyň ýakalaryndaky, beýleki ulag we aragatnaşyk liniýalaryndaky tokaýlaryň gorag zolaklary; çöl we ýarym çöl zolak-aryň tokaýlary; şäherleriň we beýleki ilatly nokatlaryň töwereklerininiň gür baglyga bürenen zolaklarynyň tokaýlary; dag tokaýlary; suw üpjünçilik çeşmelerininiň sanitariýa gorag zolaklarynyň tokaýlary). Kodeksde gorag ähmiýetli tokaýlarda esasy peýdalanylýany çapmagyň gadagan edilýändigi barada nygtalýar;
- ● **ýörite maksatly tokaýlar** (aýratyn goralýan tebigy ýerleriň tokaýlary; şäher tokaýlary; rekreasion we sagaldyş tokaýlary; serhet zolagynda we serhet gözegçilik ýerlerinde, şeýle hem goranyş hajatlary üçin gerek bolan ýerlerdäki tokaýlar; aýratyn gymmatly tokaý massiwleri; ylmy ýa-da taryhy ähmiýeti bolan tokaýlar);
- ● **önümçilik maksatly tokaýlar** (ýörite maksatly we gorag maksatly tokaýlara degişli edilmedik, agaç we beýleki tokaý serişdelerini taýýarlamak üçin niýetlenen tokaýlar).

- Umuman, Türkmenistanyň täze Tokaý kodeksinde tokaý babatdaky hukuk kadalary has giňeldilip, onda eziz Watanymyzyň gymmatly milli baýlygy hasap-lanýan tokaýlary abat saklamaga, goramaga, peýdalanmaga we üznüksiz köpeltmäge degişli hukuk düzgünleri jikme-jik beýan edildi. Bu kanunçylyk resminama hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek we döwletimiziň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, raýatlarymyz üçin amatly we ekologik taýdan abadan daşky gurşawy döretmek boýunça alyp barýan giň möçberli il-ýurt bähbitli syýasatynya saldamly goşant bolup hyzmat edýär.
- 
- **Dermanlyk ösümlikleri ýygnamak we olardan rejeli peýdalanmak.** Kesel-leri bejermekde we saglygy berkitmekde ösümliklerden peýdalanmak gadym wagtlardan bäri dowam edip gelýär. Ösümlikleriň kesel bejerijilik häsiýetleri barasyndaky maglumatlar nesilden-nesle geçip gelipdir. Ýazuwyň peýda bolmagy bilen ösümlikleriň peýda;y häsiýetleri baradaky maglumatlary ýazga geçirmeklik başlanypdyr, bu bolsa olaryň amaly taýdan ulanylyşyny has giňeldipdir.

- Orta asyrlarda dermanlyk ösümlikleriň ähmiýeti has hem artypdyr. Görnükli lukman Abu Ali Ibn Sina (Lukman hekim) müň ýyldan hem gowrak mundan ozal dermanlyk otlary öwrenmekligi we peýdalanmaklygy geljekki nesillere wesýet edip gidipdir. Ol özüniň „Lukmançylyk ylmynyň kanuny“ atly kitabynda 900 töweregi dermanlyk ösümligi we olaryň ulanylyş usullaryny ýazyp beýan edipdir. Ol kitap häzirki wagtda hem lukmanlaryň ýakyn kömekçisi hasaplanýar.
- Ösümlikleriň birtopary dermanyň egsilmez baýlygydyr. Häzirki zaman lukmançylyk amalyýeti ösümliklerden alynýan derman serişdelerini ulanmakdan çetde durup bilmez. Belli bolşy ýaly, takmynan her bir dördünji derman ösümlik çig mallaryndan taýýarlanylýar. Gazaply tebigy şertlerine seretmezden, Türkmenistanyň ösümlik dünýäsi örän baýdyr we dürli-dürlidir. Onda 300-e golaý dermanlyk ösümlikler ösýär. Ösümlik dünýäsine Türkmenistanyň daglyk etraplary has-da baýdyr. Köpetdagda ýabany ösümlikleriň 1700 görnüşi ösüp, olardan 332 sanysy endemikdir, ýagny dünýäniň hiç bir ýerinde duşman, diňe şol ýerlerde ösýän ösümliklerdir.
- Türkmenistanyň klimaty çürt kesik kontinentaldyr. Tomus paslynda howanyň gyzgyn we gurak, gün radiasiýasynyň ýokary bolmagy ösümlikleriň köpüsiniň dermanlyk häsiýetlerini şertlendirýän gymmatly biologik işjeň birleşmeleriň toplanmagyna ýardam edýär. Türkmenistanyň ösümlik dünýäsiniň aglaba görnüşleri dürli keselleri bejermek üçin ýerli halk tarapyndan has öňräkden bäri ulanylyp

- Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri“ atly düýpli işinde ýurdumyzyň çäklerinde bitýän dermanlyk ösümlikler barada örän gymmatly maglumatlar beýan edilýär. Bu düýpli ylmy işde dermanlyk ösümlikleriň köp sanly görnüşlerine jikme-jik ýazgy berilýär. Olaryň bitýän ýerleri, tebigy gorlary, şol ösümliklerden dermanlyk serişdelerini taýýarlamagyň düzgünleri ylmy esasda beýan edilen.
- **Dermanlyk ösümlikleriň ätiýaçlyklaryny goramak.** Biziň döwletimiz dermanlyk ösümliklerine örän baýdyr. Ýöne muňa seretmezden dermanlyk üçin ösümlikleri taýýarlamak, olardan rejeli peýdalanmak hökmandyr. Eger-de şeýle işler ylmy esasda meýilleşdirilip geçirilse, onda dermanlyk ösümlikliklerň tebigy baýlyklarynyň azalmagyna ýa-da ýitip ýok bolmagyna getirip biler.
- Dermanlyk ösümlikleriň ösýän ýerlerinde otlary orup ýatyrmak ýa-da ol ýerlerde mallary bakmak, oba hojalygy üçin täze ýerleri özleşdirmek işleri geçirilende dermanlyk ösümlikleriniň mundan beýläk azalmagyna getirip biler. Şol sebäpli dermanlyk ösümlikleriň ätiýaçlyklarynyň azalmagyna garşy işleri geçirmek zerurlygy ýüze çykýar. Onuň üçin dermanlyk ösümlikleriň ätiýaçlyklarynyň umumy goruny kesgitlemeli, her ýylda aýry-aýry meýdanlardan, etraplardan, welaýatlardan ýygnalmaly dermanlyk ösümlikleriň görnüşlerini we ýygnalmaly mukdaryny kesgitlemeli. Senagat taýdan ýaramly bolan dermanlyk ösümlikleriniň giň ýaýran ýerlerini kartada bellemeklik hem uly peýda getirýär.

- Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri“ atly düýpli işinde ýurdumyzyň çäklerinde bitýän dermanlyk ösümlikler barada örän gymmatly maglumatlar beýan edilýär. Bu düýpli ylmy işde dermanlyk ösümlikleriň köp sanly görnüşlerine jikme-jik ýazgy berilýär. Olaryň bitýän ýerleri, tebigy gorlary, şol ösümliklerden dermanlyk serişdelerini taýýarlamagyň düzgünleri ylmy esasda beýan edilen.
- **Dermanlyk ösümlikleriň ätiýaçlyklaryny goramak.** Biziň döwletimiz dermanlyk ösümliklerine örän baýdyr. Ýöne muňa seretmezden dermanlyk üçin ösümlikleri taýýarlamak, olardan rejeli peýdalanmak hökmandyr. Eger-de şeýle işler ylmy esasda meýilleşdirilip geçirilse, onda dermanlyk ösümliklikleriň tebigy baýlyklarynyň azalmagyna ýa-da ýitip ýok bolmagyna getirip biler.
- Dermanlyk ösümlikleriň ösýän ýerlerinde otlary orup ýatyrmak ýa-da ol ýerlerde mallary bakmak, oba hojalygy üçin täze ýerleri özleşdirmek işleri geçirilende dermanlyk ösümlikleriniň mundan beýläk azalmagyna getirip biler. Şol sebäpli dermanlyk ösümlikleriň ätiýaçlyklarynyň azalmagyna garşy işleri geçirmek zerurlygy ýüze çykýar. Onuň üçin dermanlyk ösümlikleriň ätiýaçlyklarynyň umumy goruny kesgitlemeli, her ýylda aýry-aýry meýdanlardan, etraplardan, welaýatlardan ýygnalmaly dermanlyk ösümlikleriň görnüşlerini we ýygnalmaly mukdaryny kesgitlemeli. Senagat taýdan ýaramly bolan dermanlyk ösümlikleriniň giň ýaýran ýerlerini kartada bellemeklik hem uly peýda getirýär.

- Dermanlyk çig mallary taýýarlananda aşakdaky düzgünleri berjaý etmeli:
- ● agaç ösümliklerinden dermanlyk materiallar taýýarlananda esasy we aralyk maksatlar üçin çapyla agaçlardan alynmaly, tokaý seýilgählerinden we gorag zolaklaryndan agaçlara timar berlende kesilen baldaklardan ýygnalýar;
- ● pyntyklar agaçlaryň we gyrymsylaryň ösüp duranlaryndan alynman, kesilen baldaklaryndan taýýarlanylýar;
- ● ýapraklar pudagyň aşaky we ortaky böleklerinden ýolunyp ýa-da kesilip alynýar, pudayň ujundaky ýaş ýapraklar galdyrylýar;
- ● ot ösümlikleri ýiti pyçak ýa-da orak bilen orulyp alynýar, ösümligiň köki, porrugy we soganlygy goparylmaly däl. Dermanlyk ot ösümligiň ýere degip duran bölekleriniň hili gowy bolmaýar, şonuň üçin olary almaly däl;
- ● güller we gül toplumlary çig mal hökmünde ýygnalanda olaryň belli bir bölegini ösümlikleriň tohumy arkaly köpelmekleri üçin galdyrmaly. Bu esasan hem bir we iki ýyllyk tohum bilen köpelýän ösümliklere degişli;
- ● agaçlardan güller we gül toplumlary ýygnalanda olaryň uly şahalary kesilmeli däl ýa-da döwüp almak bolmaýar;
- ● ösümligiň ýer asty böleklerinden çig mal taýýarlananda, olaryň miweleri ýetişip tohumlary we miwesi dökülenden soň ýygnalýar;
- ● ösümlikleriň tohum bilen köpelişini üpjün etmek üçin, uly ösümlikleriň belli bir bölegi, wegetatiw ýol bilen köpelýän ösümlikleriň klubenleriniň, porruklarynyň we soganlyklarynyň belli bir bölegi galdyrylýar. Ösümlikleriň ýaş ýer asty böleklerini ýygnamak maslahat berilmeýär, olardan ýeterlik mukdarda önüm alyp bolmaýar.

- Dermanlyk ösümlikleriň ätiýaçlyklaryny gorap saklamak üçin, olaryň çig mallaryny tygşytly taýýarlamakdan başga-da özara baglanyşykly birnäçe çäreleri geçirmek zerurdyr:
- **Guramaçylyk –** dermanlyk ösümliklerden çig mallary taýýarlamagyň her ýylky we uzak möhletleýin meýilnamasyny düzmek, haýsy etraplardan ýygnalmalydygyny kesgitlemek.
- **Administratiw –** ätiýaçlyk gorlary örän azalan seýrek görnüşler üçin goraghanalary we çäkli goraghanalary döretmek. Endemik we seýrek dermanlyk ösümlikleriň goralýan meýdanlaryny giňeltmek bilen birlikde, olary goramaklygy güýçlendirmek zerurdyr.
- **Terbiýeçilik –** lukmançylykda dermanlyk ösümlikleriň ähmiýetini halkyň arasynda düşündirmek, özbaşdak bejermekligiň zyýanyny, dermanlyk ösümlikleriň goralyşyny, olaryň milli baýlygymyzdygyny gazet-žurnallaryň, radio-telewideniýeniň üsti bilen halka düşündirmek.
- **Ylmy-barlag –** dermanlyk ösümlikleriniň düzümini, çig malyň hasabynym esasy bitýän ýerlerini, goruny hasaba almak. Çig malyň himiki düzümini, ösümliklerde maddalaryň toplanýan döwrüni kesgitlemek.

- **Dermanlyk ösümliklerini medenileşdirmek –** senagat üçin ýeterlik gorlary bolan dermanlyk ösümlikleriniň esasy görnüşlerini medenileşdirmekligi öz içine alýar.
- **Tehniki** – çig maly taýýarlamakda tygşytly ýola goýmak, ösümlik çig mallaryny ýygnamagyň möhletleriniň we usullarynyň kesgitlenen düzgünlerini berjaý etmek, ösdürilip ýetişdirmek üçin ýaş we ene ösümliklerden galdyrmaklyk çäreleri geçirilmelidir.
- Tebigata islendik gatnaşyk, ýagny dermanlyk çig mallary ýygnamak ýa-da dynç almak maksady bilen tebigata barylanda hem oňa zyýan ýetirmeli däldir. Tebigat aýawly we tygşytly çemeleşmek her bir adamyň mukaddes borjudyr. Dermanlyk ösümlikleriň ätiýaçlyklaryny tükeniksiz däldir, şonuň üçin olary tygşytly peýdalanmak, gorap saklamak biziň üçin we geljekki nesillerimiz üçin zerurdyr.

# 3. Ýer ýüzüniň haýwanat dünýäsini gorap saklamak, ony paýhasly peýdalanmak.

- *Haýwanat dünýäsi* – bu kesgitli bir meýdany (territoriýany) eýeleýän we tebigy erkinlik ýagdaýynda bolan ýabany haýwanlaryň (süýdemdirijileriň, guşlaryň, süýrenijileriň, ýerde-suwda ýaşaýanlaryň, balyklaryň, şeýle hem mör-möjekleriň, mollýuskalaryň we beýleki oňurgasyz haýwanlaryň) ähli görnüşleriniň we wekilleriniň (osoblarynyň) jemidir.
- Haýwanat dünýäsi daşky gurşawyň we Ýer togalagynyň biologiki dürlüli-giniň aýrylmaz bir bölegi hasaplanýar. Ol gaýtadan dileýän tebigy baýlyklaryň hataryna degişlidir. Haýwanat dünýäsi biosferanyň möhüm sazlaýyjy we kadalaş-dyryjy düzüm bölegi (komponenti) hasaplanýar.
- Haýwanat dünýäsiniň esasy wezipesi (funksiýasy) – biosferadaky *maddalaryň we energiýanyň aýlanyşygyna* gatnaşmakdan ybaratdyr. Ekologiki ulgamlaryň durnuklylygy ilkinji nobatda has hereketjeň (mobil) element hökmünde haýwanlar tarapyndan üpjün edilýär.
- Haýwanat dünýäsiniň diňe bir tebigy ekologiki ulgamyň iňňän möhüm düzüm bölegi bolman, eýsem onuň şol bir wagtyň özünde örän gymmatly biologiki baýlykdygyna akyl ýetirmen örän zerurdyr. Haýwanat dünýäsi tebigatda we adamyň ýaşaýşynda uly ähmiýete eýedir. Munuň şeýledigine 36-njy suratda beýan edilýän maglumatlardan hem görmek mümkin (36-njy surat).




**36-njy surat.** Haýwanat dünýäsiniň tebigatdaky we adamyň ýaşaýşyndaky ähmiýeti.

- Haýwanlaryň ähli görnüşleriniň Ýer planetasynyň genetiki hazynasyny (fonduny) emele getirýändiklerini, olaryň ählisiniň gereklidiklerini we peýdaly-dygyny bellemek örän zerurdyr. Tebigatda absolýut peýdaly we absolýut zyýanly görnüşleriň bolmaýyşy ýaly, öweý görnüşler-de ýokdur. Ähli zat olaryň tebigatdaky sanyna, ýaşaýan şertlerine we beýleki birnäçe faktorlara baglydyr. Siňekleriň 100 müňden hem gowrak dürli görnüşleriniň arasynda bir görnüş – öý siňegi birnäçe ýokanç keselleri ýaýradyjy hasaplanýar. Şol bir wagtyň özünde hem siňekler haýwanlaryň ägirt köp sanlysyna (ownujak guşlara, gurlawuklara, möýlere, suwluganlara we beýlekilere) iýmit bolup hyzmat edýärler. Haýwanlaryň diňe käbir görnüşleri (sakyrtgalar, zyýankeş gemrijiler we ş. m.) pugta gözegçilikde saklanmaga degişlidirler.
- Haýwanat dünýäsiniň tebigatdaky we adamzadyň durmuşyndaky ägirt uly ähmiýetiniň bardygyna garamazdan, özüniň irki taryhy döwürlerinden başlap adamlar haýwanlary gyryp gelipdirler. Şeýlelikde haýwanlaryň biologiki dürlüliginiň güýçli depginler bilen azalmagy we hat-da onuň bütinleý suratda ýitirilmegi dowam edýär.

- Alymlar haýwanlaryň biologiki dürlüliginiň ýitirilmeginiň, olaryň birnäçe görnüşleriniň Ýer ýüzünden ölüp-ýitip gitmeginiň we sanlarynyň azalmagynyň esasy sebäpleri hökmünde aşakdakylary belleýärler:
- ♦ haýwanlaryň ýaşaýan tebigy gurşawynyň asyl durkunyň bozulmagy;
- ♦ gadagan edilen ýerlerde hem promysel haýwanlaryň we beýleki görnüşleri köp mukdarda awlanmagy;
- ♦ ýat (keseki) görnüşleriň introduksiýasy (akklimatizasiýasy);
- ♦ önümi goramak maksady bilen haýwanlaryň gönüden-göni gyrylmagy;
- ♦ haýwanlaryň tötänleýin ýagdaýlarda gyrylmagy;
- ♦ daşky gurşawyň hapalanmagy.

5. “Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakynda” we „Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda” Türkmenistanyň  Kanunlary.

- Haýwanat dünýäsi baradaky kanunçylyk Türkmenistanyň kanunçylygynyň ulgamynda özbaşdak pudak hasaplanýar hem-de möhüm tebigy baýlyk bolan haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky meseleleri kadalaşdyrýar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde haýwanat dünýäsi babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň täze pudagy döredildi. 1997-nji ýylyň iýun aýynyň 12-nde "Haýwanat dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak" hakynda Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu Kanun Türkmenistanda haýwanat dünýäsine döwletiň aýratyn eýeçilik hukugynyň bellenýändiginden ugur alyp, şu aşakdaky möhüm meseleleri düzgünleşdirýär:
- ■ Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan, haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň görnüşleri we tertibi;
- ■ haýwanat dünýäsinden peýdalanmagyň hukuklary we borçlary;
- ■ haýwanat dünýäsini goramak boýunça çäreler;
- ■ haýwanat dünýäsiniň döwlet hasaby;
- ■  haýwanat dünýäsiniň ýagdaýyna syn etmekligi guramak;
- ■ haýwanat dünýäsiniň goralyşyna we ondan rejeli peýdalanylyşyna döwlet gözegçiligi;
- ■  haýwanat dünýäsi baradaky kanunçylygyň bozulmagy üçin jogapkärilik we beýlekiler berk gözegçilige alynýar.

- Türkmenistanyň kanunçylygynda haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak amala aşyrylanda berjaý edilmeli esasy talaplar göz öňünde tutulýar. Olar şu aşakdakylardyr:
-  ● haýwanlaryň tebigy toplumlarynyň bütewiligini abat saklamak;
-  ● tebigy erkinlik ýagdaýynda haýwanlaryň biologiki dürlüligini abat sak-lamak;
-  ● haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawyny, köpeliş şertlerini we göçüş ýollaryny goramak we abat saklamak;
-  ● haýwanat dünýäsi babatda ylmy barlaglary geçirmek, olardan rejeli peýdalanmak we olary yzygiderli köpeltmek;
-  ● ilatyň saglygyny goramak, oba hojalyk we öý haýwanlarynyň keselleme-gine ýol bermezlik, ykdysadyýete zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak maksady bilen haýwanlaryň sanyny kadalaşdyrmak.

- Kanunçylykda haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak babatda raýatlaryň hukuklary we borçlary kesgitlenendir. Olaryň hukuklaryna şu aşakdakylar degişli edilýär:
- ◘ haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak boýunça jemgy-ýetçilik birleşiklerini döretmek;
- ◘ haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak boýunça döwlet edaralarynyň amala aşyrýan çärelerine gatnaşmak;
- ◘ haýwanat dünýäsiniň umumy ynsanperwerlik ýörelgelerine laýyk gelýän, haýwanlar barada rehimsizlige ýol bermeýän usullar bilen peýdalanmak;
- ◘ haýwanat dünýäsi barada doly maglumatlary almak;
- ◘ bellenilen tertipde haýwanat dünýäsini goramagyň we ondan rejeli peýdalanmagyň görnüşlerini kämilleşdirmek barada teklipleri girizmek;
- ◘ haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanunçylygyň özlerine mälim bolan bozulmalary barada habar etmek.

- Kanunçylykda bellenilişi ýaly, haýwanat dünýäsi babatda Türkmenistanyň raýatlarynyň üstüne şu aşakdaky borçlar ýüklenilýär:
- ◙ haýwanat dünýäsine aýawly garamak we ony goramak;
- ◙ haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak baradaky Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynyň talaplaryny berjaý etmek;
- ◙ haýwanat dünýäsiniň goralyşyna we ondan peýdalanylyşyna gözegçiligi amala aşyrýan döwlet edaralarynyň wezipeli adamlarynyň kanuny talaplaryny ýerine ýetirmek;
- ◙ haýwanat dünýäsine we onuň ýaşaýyş gurşawyna ýetirilen zyýanyň öwezini öz wagtynda dolmak.
- Haýwanat dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak hakyndaky kanunçylygyň ösmegine 1998-nji ýylyň sentýabr aýynyň 15-inde kabul edilen "Aw awlamak we awçylyk hojalygyny ýöretmek hakyndaky" kabul edilen Türkmenis-tanyň Kanunyň ähmiýeti örän uludyr. Bu Kanunda kadalaşdyrylan möhüm meseleler: aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda dolandyryş, döwlet gaznasy we awlaglar; bikanun aw awlamak; aw hojalygy, awlardan peýdalanmaklygyň hukuklary we borçlary, aw awlamak we awylyk hojalygyny ýöretmek baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik, döwlet aw gaznasynyň zatlarynyň döwlet hasaby, aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmegi ykdysady taýdan kadalaşdyrmak, aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmk baradaky kanunçylygyň bozulmagy üçin jogapkärçilik meselelerini öz içine alýar.

- Türkmenistanyň Mejlisiniň dördünji çagyrylyşynyň on birinji maslahatynda kabul edilen we 2011-nji ýylyň 28-nji maýynda güýje giren möhüm kanunçylyk resminamalaryň biri-de “Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda” Türkmenistanyň Kanunydyr. Bu Kanun balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak babatdaky işiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär.
- “Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda” Türkmenistanyň Kanuny jemi 10 bapdan we 52 maddadan ybarat. Kanunyň “Umumy düzgünler” diýlip atlandyrylýan I babynyň 1-ni maddasynda şu Kanunda ulanylýan esasy düşünjelere kesgitleme berilýär. Onda *suwuň biologik serişdeleri* – bular balyklar, suwda ýaşaýan oňurgasyzlar, suwda ýaşaýan süýdemdirijiler, suwotulary, tebigy erkinlik ýagdaýynda bolýan beýleki suw haýwanlary we ösümlikleri hasaplanýarlar diýlip kesgitlenýär. Kasnunyň şu maddasynda balyk tutmak düşünjesine şeýle kesgitleme berilýär: *balyk tutmak* – balyk hojalyk ähmiýetli suw desgalarynda suwuň bioserişdelerini awlamak (tutmak) boýunça iş.
- Kanunyň 3-nji maddasynda kesgitlenişi ýaly, balyk tutmak we suwuň bioserişdelerini gorap saklamak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy şu aşakdaky ýörelgelere esaslanýar:

1. suwuň bioserişdeleriniň üznüksiz köpeldilişine, peýdalanylyşyna we goralyşyna döwlet gözegçiligine;
2. balyk hojalyk ähmiýetli suw desgalarynyň rejeli peýdalanylyşyny dolandyrmaklyga;
3. suwuň bioserişdeleriniň ýaşaýan gurşawyny goramaklyga;
4. suwuň bioserişdelerini paýlar boýunça peýdalanmaklyga;
5. suwuň bioserişdeleriniň döwlet monitoringine;
6. suwuň bioserişdelerini döwlet tarapyndan hasaba almaklyga;
7. seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astyndaky suwuň bioserişdelerini goramaklyga.

- Balykçylyk – düşewüntli pudak. Balyk önümlerine bolan isleg gün-günden artýar. Balyk tutmak we ondan dürli tagamlary taýýarlamak öz gözbaşyny gadymdan alyp gaýdýar. Bar bolan maglumatlara görä, her ýyl Ýer ýüzünde takmynan 50-60 million tonna balyk tutulýar we adamzadyň gymmatly iýmiti hökmünde peýdalanylýar. Onuň esasy iýmitligi düzüminde köp mukdarda belok maddasynyň, witaminleriňdir ýaglryň bolmagy bilen baglanyşyklydyr.

**6. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen ösümlikler we haýwanlar barada käbir maglumatlar.**

- Adam tebigaty peýdalanmak bilen bir hatarda, tebigy landşaftlary özgerdýär, asyrlar dowamynda emele gelen tebigy toplumlary (biogeosenozlary) bozýar we üýtgedýär. Bu antropogen täsir häzirki güne çenli has çylşyrymlaşyp, has ýokary has ýokary derejä ýetdi. Şunuň üçin tebigaty goramaklyga bütin dünýäde uly üns berilýär.
- Häzirki wagtda ösümlik we haýwanat dünýäsiniň köpdürlüligini gorap saklamaklyk zerurlygy aýdyň boldy. Ösümlik we haýwanat dünýäsi esasy genofond bolup, onuň ýitip ýok bolup gitmekligine ýol bermeli däl. Ýurdumyzyň florasy we faunasy gorap saklanmalydyr, ýitip gidenleri hem täzeden dikeltmek üin iş alyp barmaly. Şol maksatlar bilen Gyzyl kitap döredildi.
- *Gyzyl kitap* – tebigat barada, özümizi çuňňur oýlandyrýan duýduryşdyr. Ol döwlet we jemgyýetilik guramalaryna, şonuň ýaly hem köp sanly tebigaty söýüjilere ýitip ýok bolup gitmek howpy abanýan ösümlik we haýwan görnüşleri barada howsalaly habary berýär. Gyzyl kitap seýrek we ýitip ýok bolup barýan haýwan hem-de ösümlik görnüşlerine aýawly garamagygyň zerurdygyna ünsi çekýär.

- Gyzyl kitaba atlary ýazylan ýabany haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek görnüşlerini goramakda we olaryň bikanun söwdasyny çäklendrmekde Halkara Konwensiýasynyň uly ähmiýeti bar. Konwensiýada haýwanlaryň we ösümlikleriň sanawynyň iki derejesi berilýär. Onuň birinji derejesine degişli haýwanlaryň (372 görnüşi) we ösümlikleriň (46 görnüşi) söwdasy diňe adatdan daşary ýagdaýda geçirilýär. Ikinji derejesindäki görnüşleriň (haýwanlaryň 235 görnüşi we ösümlikleriň 26 görnüşi) söwdasy berk düzgünleşdirilip, olary eksport we import etmek ýörite ylmy bilermenleriň çykaran netijeleri esasynda amala aşyrylýär. Sany örän azalmagy we ýaşaýan ýerleriniň ymykly özgermegi mümkin bolaýjak ýabany haýwanlara aşakdakylar degişlidir: goňur aýy, gunduz, geçigaplaň, gaplaň, alajabars, sugun, burma şahly dag tekesi, dag goçy (aýrak). Ösümlikleriň içinde ýok bolmak howpy abanýanlara birinnji we ikinji derejä degişlileri: türkmen selmelegi, Komarowyň beladonnosy, sary gomaladiskus, grek rýabinasy; ikinji derejelilere alwan (alwanjyk), guşgy çigildemi; Huguň çigildemi; uly gozaly çigildem; Miheliniň çigildemi; Lemanyň çigildemi; maýmyn arhideýasy, hoz, injir, Buasýe armydy, badamça nar degişlidir.




**37-nji surat.** Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň üçünji neşiri.

- Türkmenistanyň ilkinji Gyzyl kitaby 1985-nji ýylda, ikinji neşiri 1999-njy ýylda, üçünji neşiri bolsa Türkmenistanyň mukaddes döwlet Garaşsyzlygynyň şanly 20 ýyllygynyň uly dabar bilen toýlanan ýylynda - 2010-njy ýylda çap edildi. Ol iki tomdan ybarat. Gyzyl kitabyň birinji tomy „Ösümlikler we kömelekler“ diýlip atlandyrylýar. Oňa ýürdumyzyň çäklerinde duş gelýän we sanlary azalyp, goraga mätäç bolan ösümlikleriň we kömelekleriň 115 görnüş girizildi. Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň ikinji tomy „Oňurgasyz we oňurgaly haýwanlar“ diýlip atlandyrylyp, onda haýwanlaryň 149 görnüşi we aşaky görnüşi barada gymmatly maglumatlar ýerleşdirildi (37-nji surat).

- Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň 1999-nji ýyldan çapdan çykan ozalky ikinji neşiri hem iki tomdan ybaratdy. Gyzyl kitabyň birinji tomuna “Oňurgasyz we oňurgaly haýwanlar” ýerleşdirilipdi. Şol neşirde neşirde oňurgasyz we oňurgaly haýwanlaryň jemi 152 görnüşiniň atlary ýazylypdy. Olardan oňurgasyzlaryň – 45, tegelek agyzlylaryň balyklaryň -13, ýerde-suwda ýaşaýanlaryň we süýrenjileriň – 23, guşlaryň – 41, süýdemdirijileriň - 30 görnüşiniň ýaýraýşy we biologik aýratynlyklary, goramak üçin görülýän we hödürlenýän çäreler barada gymmatly ylmy maglumatlar beýan edilipdi. Gyzyl kitabyyň gürrüňi edilýän ikinji neşiriniň ikinji tomy “Ösümlikler” diýlip atlandyrylypdy. Onda 109 ösümligiň; kömelekleriň – 9, lişaýnikleriň – 5, mohgörnüşleriň - 2, paporotnikleriň -6, açyk tohumlylaryň - 1, gülli ösümlikleriň – 92 goraga mätäç görnüşleriniň ýaýraýşy, bitýän ýerleri, biologiki aýratynlyklary barada maglumatlar berildi.

- Ýeri gelende bellesek, Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň ikinji neşiriniň çapdan çykaly bäri on iki ýyla golaý wagt geçdi. Şunça döwrüň dowamynda şol neşire girizilen ösümlik we haýwan görnüşleri, olaryň biologiýasy we ekologiýasy, ýaýrawy, tebigatdaky sany barada ençeme ylmy maglumatlar toplandy. Bu maglumatlar Gyzyl kitabyň nobatdaky üçünji neşiri taýýarlananda alymlar we hünärmenler tarapyndan giňden peýdalanyldy. Şeýlelikde Gyzyl kitabyň täze çapdan çykan üçünji neşirine ozalky ikinji neşirde atlary ýazylan ösümlikleriň käbir görnüşleri, meselem, türkmen arçasy girizilmedi. Munuň sebäbini bu gymmatly pürli ösümligiň soňky ýyllarda gök zolaklarda, seýilgählerde, botaniki baglarda köpçülikleýin ekilip, sanynyň has köpelendigi we oňa tebigatdan ýitip gitmek howpunyň abanmaýandygy bilen düşündirmek mümkin. Şonuň ýaly-da, Gyzyl kitabyň ozalky ikinji neşirinde atlary ýazylan oklukirpi, owgan tilkisi, syçan görnüşli homýakjagaz ýaly süýdemdiriji haýwanlar hem täze üçünji neşire girizilmedi. Gynansak-da, soňky 10 ýylyň dowamynda gum pişigi, hazar düwleni ýaly haýwanlaryň tebigy populýasiýalarynyň ýagdaýy ýaramazlaşdy. Şonuň üçin hem bu iki görnüşiň atlary Gyzyl kitabyň üçünji neşirine ýazyldy.
- Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň üçünji neşiriniň çapdan çykmagy döwletimiziň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge we daşky gurşawy goramaga gönükdirilen strategiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigininiň aýdyň mysalydyr.

# Bilimiňi özbaşdak barlamak üçin s o r a g l a r

1.Biologiki baýlyklar diýip haýsy baýlyklara aýdylýar?

2.Biologiki baýlyklar nähili toparlara bölünýärler?

3. Biologiki baýlyklaryň ekologiki wezipeleri (funksiýalary) nämelerden ybarat?

4. Biologiki baýlyklaryň tebigy resurslar hökmündäki wezipeleri barada nähili maglumatlary bilýärsiňiz?

5. Türkmenistanyň biologiki baýlyklary, olaryň düzümi hakda nämeleri bilýärsiňiz?

6. Biologiki dürlülik diýip nämä aýdylýar?

7. "Ösümlik dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak hakynda" Türk-menistanyň Kanuny haçan kabul edildi we ol nähili hukuk gatnaşyklaryny kada-laşdyrýar?

8. Türkmenistanyň Tokaý kodeksi, onuň maksady we ähmiýeti barada nähili maglumatlary bilýärsiňiz?

9. Ýer ýüzünde haýwanat dünýäsiniň biologiki dürlüliginiň kemelmeginiň, haýwanlaryň sanynyň azalmagynyň esasy sebäpleri haýsylar?

10. "Haýwanat dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak hakynda" Türk-menistanyň Kanuny haçan kabul edildi we ol nähili hukuk gatnaşyklaryny kada-laşdyrýar?

11. "Aw awlamak we awçylyk hojalygyny ýöretmek hakynda" Türkmenis-tanyň Kanuny, onuň mazmuny we ähmiýeti hakda nähili maglumatlary bilýärsiňiz?

12. "Balyk tutmak we suw biologik serişdelerini goramak hakynda" Türk-menistanyň Kanuny haçan kabul edildi we onuň esasy maksady nämeden ybarat?

13. Balyk tutmak we suwuň bioserişdelerini gorap saklamak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy haýsy ýörelgelere esaslanýar?

14. Gyzyl kitap näme?

15. Türkmenistanyň Gyzyl kitaby häzire çenli näçe gezek neşir edildi? 16. Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň üçünji neşiri hakda nähili maglumat-lary bilýärsiňiz?